# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

## atly ylmy-amaly maslahatyň

## T E Z I S L E R I

**TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY**
**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**
**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY**
**WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY**
**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK**
**WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY**

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

logiýalar bilen üpjün edilmegi bilen birlikde, Türkmenistanda tebigy baýlyklardan oýlanyşykly peýdalanmak we howanyň üýtgemegine netijeli uýgunlaşmak, bazar gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça uly işler geçirýär, mümkinçilikleriň deňligini zenanlaryň ýurduň ykdysady, syýasy hem medeni durmuşyna doly gatnaşmagyna aýratyn üns berilýär. Ýurdumyz, şeýle hem Durnukly ösüş maksatlarynyň gazanylmagyna gözegçilik etmek üçin görkezijiler ulgamyny ösdürmäge işjeň gatnaşýar. Häzirki wagtda bu ugurda milli derejede çäreler görülýär. Munuň özi Durnukly ösüş maksatlary babatda kognitiw häsiýetde kwintessensiýa bolup çykyş edýär. Umuman aýdanyňda, Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlarynyň gün tertibi boýunça meýilnamalary durmuşa geçirmekde ylmy taýdan esaslandyrylan uly işleri amala aşyrýandygyny, ýörelgesi «hiç kim goldawdan üzňe bolmaly däldir» diýlen maksatlara laýyklykda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek üçin zerur başlangyçlary we teklipleri yzygiderli öňe sürýändigini nygtamak guwnaçlydyr. Bu bolsa Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň perfeksionizm arkaly ösüşiň täze basgançaklaryna çykýandygyny alamatlandyrýar.

**Suraý Öwliýagulyýewa,**
**Rahym Akmuradow**
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň***
***Halkara gatnaşyklary instituty***

## TÜRKMENISTANYŇ «ÝAŞYL ENERGETIKANY» ÖSDÜRMEK STRATEGIÝASY: MÖHÜM WEZIPELER WE HALKARA HYZMATDAŞLYK

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň kuwwatly energetika döwlet hökmünde ýangyç-energetika toplumynyň mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, elektrik energiýasyny

emele getirmegiň täze serişdelerini ulanmagyň hasabyna daşky gurşawy goramak hem-de bu ugurda abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek ulgamynda möhüm wezipeleri kesgitleýär. Türkmenistanyň tebigy şertleri Günüň we ýeliň energiýasyny peýdalanyp, elektrik energiýasyny almaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň energiýa howpsuzlygynyň strategik meselelerini energiýa üpjünçiligi bilen we ekologiýa taýdan arassa, şol sanda täzelenýän energiýa çeşmelerini işläp taýýarlamak bilen pugta baglanyşdyrmagy tötänden däldir.

Energiýanyň dikeldilýän çeşmeleriniň önümçilige ornaşdyrylmagy tutuş dünýäde ählumumy wezipe bolup durýar. Bu ulgamdaky innowasion işläp taýýarlamalar we olaryň tehnologiýa taýdan netijeliligini kesgitlemek geljegi has uly bolan ylmy çözgütleri tapmaga mümkinçilik berer. Bular adamzat durmuşynyň esasy meseleleri bolan Ýer ýüzünde howanyň üýtgemegi, ählumumy ekologiýa we energetika howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly wezipeleri üstünlikli çözmäge ýardam berer.

Türkmenistanyň ýangyç-energetika serişdelerini diwersifikasiýalaşdyrmak, tebigy gazyň we elektrik energiýasynyň eksport kuwwatyny artdyrmak, uzakda ýerleşen sebitleri elýeterli we arassa energiýa bilen üpjün etmek, ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak we senagaty ösdürmek, şeýle-de Durnukly ösüş maksatlaryna, howanyň üýtgemegi baradaky Pariž ylalaşygynda göz öňüne tutulan wezipelere ýetmek maksady Gahryman Arkadagymyzyň 2020-nji ýylyň 4-nji dekabryndaky Karary bilen «Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energetikany ösdürmek boýunça Milli strategiýa» we «Türkmenistanyň energetika diplomatiýasyny ösdürmegiň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» tassyklanyldy. Bu wajyp resminamalar Türkmenistanda «ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmek boýunça ýörelgeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir.

18. Sargyt №1378.

Bütin dünýäde howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly çylşyrymly ýagdaýlar zerarly gaýtadan dikeldilýän energetika bolan gyzyklanma barha artýar. Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden alynýan elektrik energiýasy has arzan we elýeterli bolup, dürli ýurtlarda onuň täze kuwwatlyklary ornaşdyrylýar. BMG-niň daşky gurşawy goramak Maksatnamasy boýunça gaýtadan dikeldilýän energetikanyň meseleleri bilen meşgullanýan «REN21» seljeriş merkeziniň berýän maglumatlaryna laýyklykda, häzirki wagtda bütin dünýäde «ýaşyl» energetika pudagynda 11 milliondan gowrak adam işleýär. Şolaryň esasy bölegi (3,5 milliondan gowragy) Gün energetikasynyň, bioenergetikanyň (takmynan, 2 million) we gidroenergetikanyň paýyna düşýär. Bu işler 2030-njy ýyl üçin dünýäniň Gün tertibiniň esasy maksatlary bilen sazlaşykly utgaşýar.

Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň «ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmek babatdaky ýörelgeleri ýurdumyzyň iri halkara guramalarynyň we maslahatlarynyň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlarynda hem aýdyň beýanyny tapýar. Bu babatynda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde we Gahryman Arkadagymyzyň BMG--niň gazylyp alynýan senagat boýunça ýokary derejeli ählumumy forumynda, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ylym we tehnologiýalar boýunça ikinji sammitinde, Antalýa diplomatiýa forumynda we beýleki iri forumlarda öňe sürýän başlangyçlary «ýaşyl energetikanyň» mümkinçiliklerini peýdalanmakda halklara tagallalaryny utgaşdyrmaklyga we degişli halkara hukuk gurallarynyň kemala getirilmegine gönükdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň pes uglerodly energetikany ösdürmek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegine gönükdirilen Strategiýasyny işläp taýýarlamaga girişmek we BMG-niň howandarlygynda energetikanyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde wodorody ösdürmek boýunça halkara «Ýol kartasyny» döretmek boýunça başlangyçlary munuň aýdyň subutnamalarydyr.